# Goşunlar-a ondan, olam sowukdan gorkardy

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Goşunlar-a ondan, olam sowukdan gorkardy GOŞUNLAR-A ONDAN, OLAM SOWUKDAN GORKARDY




*Napoleonyň suratlandyrylan meşhur kartinalarynyň birinde eli arkasynda, beýlekisinde bolsa sag eli kükreginiň üstünde goýandygy görülýär. Munuň ýeke-täk sebäbi bolsa sowuk.*
*Napoleon Bonapart / Fotosurat: Wikipedia*

Dünýäniň goşunlaryny gagşadyp taşlan Napoleony gagşadýan zadam sowukdy. Sowuk ony iň halaýan zatlaryndan – tokaýda, sähralyklarda, köşk howlularynda elini arkasyna tutup ýöremekden saklaýardy.

Napoleonyň suratlandyrylan meşhur kartinalarynyň birinde eli arkasynda, beýlekisinde bolsa sag eli kükreginiň üstünde goýandygy görülýär. Munuň ýeke-täk sebäbi bolsa sowuk.

Sowuk howa geçip-geçmänkä pasyllara görä ýyllyk işjeňligine, oýlanyp-ölçermäge wagt tapýan uzak ýörişlerine çykardy.

Sowuk ony noýabr aýynyň gelmegi bilen ýyladyjyly «Týulýri» bagynda galmaga mejbur edýändigi üçin mart aýynyň

başlanmagynda pyntyklaryñ ýaryp başlamagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardy.

Wagtynyñ köpüsini açyk howada aýaly bilen ýa-da ýeke özi sagatlap ýöreýän ýodalarynda we sümme tokaýlarda geçirerdi.

Ýaz pasly gelen badyna arassa howa gezip etmäge çykyp, «Malmezon» bagynda dynç alardy. Hatda bir gün ýanyndakylara ýüzlenip şeýle diýipdi:

– *Açyk howada daşaryk çykanymda pikirlerimiñ has belende we has giñişlige çykýandygyny duýýaryn. Nädip käbirleri asmanyñ ýüzünden binesip ýagdaýda pejiñ başyndan turman işlerini birkemsiz edip bilýändigine düşünemok.*




Napoleon howa gowy bolanda daşarda ýa-da baglarynyñ birinde garbanardy. Hepdede bir gün balyk tutmaga giderdi, emma bulam onçakly göwnüne ýaramaýardy.
Ýöne awyñ aristokrat tebigaty, şol bir wagtyñ özünde hereket zerurlygy we ata münmäge bolan söýgüsi sebäpli häkimiýete gelende aw gezelençlerine köp gatnap başlady.
Awyna üns bermeýärdi, awlan awyny ýanyndaky myhmanyna bererdi. Näme maksat bilen awa çykandygyny ýatdan çykarardy.
Oý-pikirlere çümüp, atyna badyhowa ýagdaýda münerdi. Şonuñ üçinem tasdan ömrüne maýyp bolup galjak käbir heläkçilikleri başdan geçirerdi.

Belki-de, awlarynyñ iñ esasysy Parižiñ golaýyndaky «Rambuýe» tokaýynda 14 sagatlap bir keýigi kowalap eden gezimidi.
Imperator aýallary-da az kowalamaýardy, emma bu boýunça o diýen nesibeli däldi.
Iñ meşhury imperatrisa Žozefina Bogarne bilen bolan ýakyn gatnaşygynyñ hekaýatydy.
Bu hekaýatda-da imperatrisa Žozefinanyñ ýeñlişi bilen aýal-gyzlaryñ abraýy pese düşürildi.
Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Çarşenbe, 06.10.2021 ý. Taryhy makalalar